Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№ 9 (92) 2024-nji ýylyň 31-nji marty




## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***21-nji martda*** Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Bu Kararnamanyň awtordaşlary bolup 86 döwlet çykyş etdi.

* * *

***24-nji martda*** Ženewada Parlamentara Bileleşiginiň 148-nji mejlisi geçirildi. Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Ženewa şäherine iş saparyň çäklerinde türkmen wekiliýetiniň agzasy Ýaş parlamentarileriň forumyna gatnaşdy.

* * *

***25-nji martda*** wise-premýer, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Türki medeniýetiniň halkara guramasynyň Baş sekretary Sultan Raýewiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň arasynda duşuşyk geçirildi.

* * *

***26-njy martda*** Ak bugdaý etrabynyň «Nowruz ýaýlasyndaky» «Türkmeniň ak öýi» binasynda Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek çärelere badalga berildi.

***26-29-njy mart*** aralygynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň howandarlyk etmeginde mekdep okuwçylarynyň arasynda matematika dersi boýunça halkara olimpiada geçirildi.

***26-njy martda*** wise-premýer, daşary işler ministri Raşid Meredow BMG-niň Baş sekretarynyň ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkeziniň ýolbaşçysy Kaha Imnadze bilen duşuşdy.

* * *

***27-nji martda*** Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Änew şäheriniň medeniýet öýünde «Gadymy Änew medeniýeti» atly halkara ylmy maslahat geçirildi.

***27-nji martda*** hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Wenesuela Boliwarian Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Kristofer Alberto Martinez Berroterandan ynanç hatyny kabul etdi.

*Syýasy habarlar*

* * *

***28-nji martda*** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde wise-premýer, daşary işler ministri Raşid Meredow Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýip yglan edilmegine bagyşlanan dabaralara gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Russiýanyň «TASS» habarlar gullugynyň Baş direktorynyň birinji orunbasary Mihail Gusmanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen duşuşdy.

***28-nji martda*** paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi we Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Türkmen topragy — gadymy medeniýetleriň merkezi» atly halkara metbugat maslahaty geçirildi.

* * *

***29-njy martda*** Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň üç ýyllygy, şeýle hem «Türkmen halkynyň Milli Lideriniň ynsanperwerlige esaslanýan taryhy başlangyçlary: howandarlygyň we çagalara mähirli garaýşyň nusgalyk tejribesi» atly maslahat geçirildi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### ÝAPONIÝANYŇ HALKARA MAKSATNAMALARY BOÝUNÇA BRIFING GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 27-nji martynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Ýaponiýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasy tarapyndan Ýaponiýanyň bilim, medeniýet, sport, ylym we tehnologiýalar ministrligi tarapyndan guralýan halkara maksatnamalary boýunça brifing geçirildi. Maslahatyň dowamynda orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýapon dilini öwrenýän okuwçylar we talyplar üçin niýetlenen Ýaponiýanyň bilim, medeniýet, sport, ylym we tehnologiýalar ministrligi tarapyndan guralýan «Öwreniji», «Talyp», «Ýörite hünär okuw mekdebiniň talyby», «Ýapon dilini we medeniýetini öwrenýän talyp» ýaly halkara maksatnamalary hakynda giňişleýin gürrüň berildi.

### VIII QUALIFYING GAME OF THE "YOUNG MESSENGERS OF PEACE" INTELLECTUAL COMPETITION

On March 29, 2024, the VIII qualifying game of the III season of the "Young Messengers of Peace" intellectual competition has been held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. The qualifying game of the III season held under the general slogan "The Teachings of the great Magtymguly Pyragy — the national guideline of human values". It has been held on the theme "Foreign policy and international relations of India in the 18th century".

### ВСТРЕЧА С ПОЧЕТНЫМ ГОСТЕМ

27 марта 2024 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана состоялась встреча с Чрезвычайным и Полномочным Послом Боливарианской Республики Венесуэлы в Туркменистане (с резиденцией в г.Баку) Кристофером Альберто Мартинесом Берротераном. В ней приняли участие преподаватели и студенты Высшей школы национальной дипломатии и Международного университета гуманитарных наук и развития.

В ходе встречи уважаемый Посол рассказал интересные факты о достижениях и реализованных работах между Туркменистаном и Боливарианской Республики Венесуэлы в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах, а также о своем богатом деловом и жизненном опыте.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# 2025 год:

## Международный год мира и доверия

Туркменистан, следуя высоким целям по претворению в жизнь широкомасштабного международного сотрудничества и, основываясь на приоритетности миролюбивых и высокогуманных ценностей, осуществляет курс на реализацию основных задач по обеспечению мира и безопасности, популяризацию правового статуса постоянного нейтралитета страны на мировом пространстве, динамичное расширение и диверсификацию внешнеэкономических отношений, стабильное развитие и содействие гуманизации международных отношений.

Туркменское государство демонстрирует приверженность развитию и расширению дружественных, равноправных и взаимовыгодных отношений с зарубежными странами, а также в рамках международных организаций; равноправной интеграции в мировое экономическое и культурно-гуманитарное пространство, созданию необходимых условий по содействию дальнейшему развитию и диверсификации этих отношений. Активно содействует созданию справедливой и демократической международной системы, основанной на многосторонних инициативах по решению глобальных вопросов, верховенстве международного права, прежде всего, принципов Устава Организации Объединённых Наций, а также сохранению центральной координирующей роли ООН в качестве основного регулирующего органа международных отношений в равноправном и взаимовыгодном сотрудничестве между государствами, направленном на активизацию вектора по всестороннему укреплению мира, всеобщей безопасности и стабильности.



Наша страна принимает активное участие в укреплении мер ООН, нацеленных на обеспечение социальной защищённости, гарантирование прав и свобод, предотвращение социально-экономического кризиса и противостояние современным вызовам и угрозам, а также уважительное отношение к достижениям государств в вопросах развития. В этой связи следует отметить, что на 63-м пленарном заседании 78-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН по инициативе Туркменистана была полным консенсусом принята Резолюция «2025 год – Международный год мира и доверия». Соавторами данной Резолюцию выступили 86 государств. В документе отражены основополагающие цели и принципы Устава ООН, прежде всего обязательства по урегулированию споров мирными средствами и методами. В резолюции также предусматривается механизм привлечения добровольных взносов в Целевой фонд для проведения Международного года, а организационные вопросы возложены на ЮНЕСКО и Департамент ООН по политическим вопросам и вопросам миростроительства.

Это инициатива направлена на поддержку и поощрение усилий международного сообщества в содействии миру и доверию, а также на повышение осведомленности о важности мирного сосуществования и конструктивного разрешения конфликтов.

Принятие этой резолюции подчеркивает стремление мирового сообщества к установлению и поддержанию мира и стабильности в мире, а также призывает к коллективному сотрудничеству в достижении этой цели.

***Сердар РАХЫМОВ,***
***студент V курса факультета***
***международных отношений.***



# Gadymy Änew medeniýeti

Ýurdumyz özüne müňýyllyklaryň taryhyny siňdiren, dünýä ylmynyň üns merkezinde duran ýüzlerçe binagärlik we arheologik ýadygärliklerine, medeni-ruhy gymmatlyklara baý ülke. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly syýasaty netijesinde türkmen halkynyň gadymy we baý mazmunly medeni mirasyny çuňňur, hemmetaraplaýyn, ylmy esasda öwrenmek we dünýä ýaýmak ugrunda köp işler durmuşa geçirilýär. Şu nukdaýnazardan garanyňda, günorta Türkmenistanyň ýerlerinde eneolit döwründe dörän, gadymy dünýä taryhynda uly yz galdyran Änew medeniýeti üns bermeklige mynasypdyr.

Şu ýylyň 23-nji martynda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabyny ýazyp tamamlandygyny habar berdi. Türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilen bu kitap gadymy Änewiň möhüm wakalaryny we taryhy döwürlerini beýan edýär. Onuň käbir baplary arheologik tapyndylara we häzirki döwre çenli saklanyp galan özboluşly binagärlik ýadygärliklerine bagyşlanýar. Kitabyň her baby türkmen halkynyň taryhy geçmişini, milli-medeni gymmatlyklaryny, baý medeni mirasyny, ruhy däp-dessurlaryny gorap saklamak we dünýä ýaýmak boýunça alnyp barylýan işler barada umumy düşünje döredip, neşiriň umumy gurluşyna goşant goşýar. Mundan başga-da, kitapda Änew medeniýetini ilki açan Rafael Pampelliniň, Wadim Massonyň, Wiktor Sarianidiniň we beýleki görnükli alym-arheologlaryň ekspedisiýalarynyň netijesinde alnan ençeme gymmatly maglumatlar getirilýär.




Änew depeleri adamzat ýaşaýşynyň birnäçe gatlaklaryndan ybaratdyr. Olaryň her biri döwrüniň täsin aýratynlyklaryny özünde jemleýär. Bu irki ekerançylyk medeniýetiniň ýadygärlikleriniň öwrenilmegi XIX asyryň 80-nji ýyllaryndaky gazuw-agtaryş işlerinden başlanýar. 1886-njy ýylda Zakaspiý oblastynyň ýolbaşçysy general A.W.Komarow Änew galasyndan uzakda bolmadyk ýerde ýerleşýän iki sany beýik depä üns beripdir. Şondan soň R.Pampelliniň geçiren ylmy-barlag işleriniň netijesinde toplanan täsin arheologik maglumatlar Merkezi Aziýanyň eneolit döwrüniň ýadygärliklerini öwrenmekde uzak wagtlap esasy çeşme bolmagynda galypdyr.

1904-nji ýylda R.Pampelliniň ýolbaşçylygyndaky geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleriniň barşynda üsti açylan täze açyş möhüm ähmiýete eýe bolýar. Änewiň ak bugdaýyň gadymy watanydygyny tassyklaýan bugdaý we arpa däneleriniň galyndylarynyň ýüze çykarylmagy haýran galdyryjy waka boldy. Bu açyş Änewiň däneli ekinleriň ösdürilip ýetişdirilen dünýädäki ilkinji sebitleriniň biri bolandygyny öňe sürmäge şert döretdi. Munuň özi Änew medeniýetiniň oturymly ekerançylyk bilen meşgullanan ilatynyň — gadymy ata-babalarymyzyň adamzat taryhynda däneli ekinleri ýetişdiren we bugdaý unundan çörek taýýarlan ilkinji halklaryň biri bolandygy barada habar berýär.

Änew medeniýetiniň üstüniň açylmagy diňe bir Türkmenistan üçin däl, eýsem, tutuş gadymy Gündogaryň ekerançylyk medeniýetiniň taryhyny öwrenmekde-de örän ähmiýetlidir. Adamzat medeniýetiniň ilkinji ösen merkezleriniň biri hökmünde ykrar edilen Änewiň gadymy depeleriniň XX asyryň bütin dowamynda alymlaryň üns merkezinde bolmagy tötänden däldir. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bu täsin ýadygärlikleri öwrenmekde täze tapgyryň başyny başlap, türkmen taryhçylarynyň we arheologlarynyň daşary ýurtly kärdeşleri bilen netijeli hyzmatdaşlyk etmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly täze kitaby taryhy çeşme hökmünde gymmatlydyr.

***Bahar HOJAGULYÝEWA,***
***Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň***
***uly mugallymy, taryh ylymlarynyň kandidaty.***

***BMG-ä agza ýurtlaryň Türkmenistanyň başlangyjy bilen «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň goldamagy, 86 ýurduň awtordaş bolmagy türkmen halky üçin örän ähmiýetlidir.***

## Halypa diplomatdan ussatlyk sapaklary

# DÜNÝÄ SYÝASATYNYŇ WE KÖPTARAPLAÝYN DIPLOMATIÝANYŇ MERKEZINDE

**Men 16 ýylyň dowamynda (1975 — 1991 ý.ý.) TSSR-iň daşary işler ministriniň borçlaryny «de facto» ýerine ýetirdim. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyna eýe bolandan soňky döwürde bolsa — 14 ýylyň dowamynda BMG-de, daşary ýurt döwletleriniň ençemesinde Türkmenistana wekilçilik etdim. Ýokary diplomatik wezipelerde işlänimde dünýäniň iň iri we abraýly halkara hökümetara guramasynyň, döwletleriň dürli derejeli, dürli häsiýetli, şeýle hem syýasy garaýyşly ýüzlerçe wekilleri bilen resmi duşuşmak we söhbetdeş bolmak miýesser boldy.**

Ozaly bilen, gulluk borjum boýunça maňa onlarça daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlary, halkara hökümetara guramalaryň ýolbaşçylary, hususan-da, SSSR-iň ilkinji we iň soňky Prezidenti M.S.Gorbaçow, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti B.N.Ýelsin, BMG-niň Baş sekretary Butros Butros Gali, ABŞ-nyň Prezidentleri Riçard Nikson, Bill Klinton, Hindistanyň premýer-ministri Radžiw Gandi, Hytaý Halk Respublikasynyň başlyklary Szýan Sze, Hu Szintao, HHR-niň Döwlet Geňeşiniň Başlygy Li Pen, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Haşemi Rafsanjany, Koreýa Respublikasynyň Prezidentleri Kim Ýon Sam, Kim De Çžun, şeýle-de Albaniýanyň, Owganystanyň, Tanzaniýanyň ýokary derejeli adamlary bilen duşuşandygymy belläp geçmekçi. Meniň bu duşuşyklarym Türkmenistanyň we degişli döwletleriň, halkara guramalaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň işjeňleşmegine we çuňlaşmagyna aýgytly täsir eden ýagdaýlaryň biri boldy.

Meniň duşuşan dünýä döwletleriniň wekilleriniň arasynda syýasatçylar we jemgyýetçilik işgärlerem, alymlaram, döredijilik intelligensiýasynyň we işewür toparlaryň wekillerem boldular. Belli sebäplere görä, meniň söhbetdeşlerimiň arasynda, elbetde, diplomatlar, şol sanda öz döwletleriniň syýasatynyň başynda duran, syýasaty işläp taýýarlaýan, durmuşa geçirýän adamlar agdyklyk edipdi. Şol diplomatlaryň aglabasy hünär taýýarlygy has ýokary bolan, kärinden örän gowy baş çykarýan nusgawy diplomatlardy. Sowet diplomatlary hem şol topara aňryýany bilen degişli bolupdylar. Sowet Soýuzynyň ýaşan döwründe türkmen diplomatlary hem özlerini sowet ýa-da türkmen-sowet diplomatlary diýip atlandyrardylar. Şunlukda, meniň ýokary derejeli adamlar, hünärmenler bilen duşuşyklarym durmuşymyň, işimiň ýatdan çykmajak sahypalarynyň birine öwrüldi. Her bir gol çekilen möhüm resminama ýaly, meniň ussat, ýokary wezipeli diplomatlar bilen her bir duşuşygym halkymyzyň, döwletimiziň syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek ýolunda möhüm ädim boldy.

Sowet Soýuzynyň ýaşan döwründe SSSR-iň DIM-niň ulgamynda işlemek bilen, men şol ulgamyň BMG bilen hyzmatdaşlygyna hem işjeň gatnaşandygymy belläp geçmekçi. Muňa 1990-njy ýylda SSSR-iň wekiliýetiniň agzasy hökmünde BMG-niň BA-nyň 45-nji mejlisiniň işine gatnaşmagym, 1991-nji ýylda SSSR-iň daşary işler ministriniň buýrugy bilen meniň SSSR-iň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekilhanasynyň Baş geňeşçisi wezipesine bellenmegim, şeýle hem şol ýylda SSSR-iň Prezidenti M.S.Gorbaçowyň Permany bilen maňa Adatdan daşary we Doly ygtyýarly wekil atly ýokary diplomatik derejesiniň berilmegi aýdyň şaýatlyk edýärler.

Özüniň mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolmak bilen, Türkmenistan BMG-niň BA-synyň 46-njy mejlisinde (1992-nji ýylyň 2-nji marty) BMG-niň agzalygyna kabul edildi. Şu uly syýasy waka bilen baglylykda, maňa şol mejlisiň işine gatnaşmak üçin ýollanan türkmen wekiliýetine ýolbaşçylyk etmeklik tabşyryldy. Munuň yz ýany bilen maňa ilçi derejesinde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekiliniň wezipesine bellenmek miýesser boldy.



Şunlukda, Hemişelik wekil hökmünde maňa BMG-niň Baş sekretary, onuň orunbasarlary, bu guramanyň ýörite-leşdirilen edaralarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklarymyň ýeterlik bolandygy düşnüklidir. Şol duşuşyklar Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili bolan maňa BMG-niň düzümleri, şol düzüm birlikleriň ýolbaşçylary bilen tanyşmaga, peýdaly gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge mümkinçilik döretdiler.

BMG-niň ulgamynda, ilkinji nobatda, meniň BMG-niň Baş sekretarynyň syýasy meseleler boýunça orunbasary W.F.Petrowskiý bilen işewür, dostlukly gatnaşyklarym emele geldi we ösdi. Ýokary derejeli diplomat Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynda geçirilýän syýasy çärelere gatnaşardy. Hemişelik wekiliň ençeme gezek şahsy söhbetdeşi hem bolupdym. Gepiň gysgasy, biz ençeme ýyllaryň dowamynda özara peýdaly işewür we dostlukly gatnaşyklary sakladyk we ösdürdik.

Hemişelik wekil hökmünde men BMG-niň Baş sekretarynyň syýasy meseleler boýunça beýleki orunbasary Raýmond Sommerins bilen Türkmenistan hem-de BMG üçin örän peýdaly gatnaşyklary ösdürmäge çalyşdym. R.Sommerins Baş sekretaryň ýanynda aýratyn tabşyryklar boýunça ilçiniň wezipesini ýerine ýetirýärdi. 1992-nji ýylyň başynda döredilen BMG-niň Sekretariatynyň syýasy meseleler boýunça departamentine ýolbaşçylyk edýärdi. Onuň şahsy borçlaryna Merkezi Aziýa döwletleri, Aziýa-Ýuwaş ummany sebiti boýunça syýasy ýagdaýlary yzarlamak boýunça iş hem-de gapma-garşylykly ýagdaýlary tertibe salmak boýunça Baş sekretara degişli maslahatlary taýýarlamak wezipesi-de girýärdi.

R.Sommerins bilen ilkinji duşuşygym 1992-nji ýylyň 10-njy maýynda BMG-niň ştab-kwartirasynda bolup geçdi. Şonda men bu ýokary derejeli diplomaty onuň haýyşy boýunça, özümde bar bolan maglumatlar esasynda, Orta we Merkezi Aziýadaky ýagdaý, Türkmenistanyň goňşy Owganystan babatdaky syýasaty bilen tanyş edipdim. Has takygy, kärdeşime Owganystanda dowam edýän gapma-garşylygyň Türkmenistany birahatlandyrman durmaýandygyny we ýurdumyzyň şol ýagdaýyň, mümkin boldugyça, çalt tertibe salynmagy ugrunda hemişe ak ýürekden çykyş edýändigi barada aýdypdym. Türkmenistanyň Owganystanyň içerki işlerine gatyşmazlyk syýasatyna eýerýändigini, goňşy ýurduň bitewüliginiň saklanylmagy ugrunda milletara, etnikara esasda gan döküşikligiň güýjemegine garşy çykyş edýändigini, owgan çökgünliginiň çözgüdiniň owgan halkynyň özüniň elindediginden gelip çykýandygyny nygtadym. Türkmenistanyň Owganystanda milli ylalaşygyň, raýdaşlygyň bolmagyny we şu esasda ähli meseleleriň çözgüdini görmek isleýändigini bellemek bilen, şol bir wagtyň özünde-de, men Owganystanda parahatçylygyň gazanylmagy işinde Türkmenistanyň BMG-ni ileri tutýandygyny, döwletimiziň mundan beýläk-de gurama onuň owgan ugrundaky işinde hemmetaraplaýyn ýardam berjekdigini mälim edipdim.

Soňra biziň aramyzda Owganystandaky ýagdaý barada pikir alyşmalar bolup geçdi. Biziň bu duşuşygymyz Baş sekretaryň orunbasary, onuň ýolbaşçylyk edýän syýasy meseleler boýunça departamentiň işgärleri bilen has ýakyn gatnaşyklarymyzyň başyny başlady.

*Amangeldi RAHMANOW,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, «Türkmenistanyň ussat diplomaty» nyşanynyň eýesi, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.*



## JENNETLI DIÝAR

*Dynç almaga gitsem diýýän ýaýlama,*
*Şäherde görmek kyn torgaý, serçänem.*
*Mele gumy ýaşyl otlar örtende,*
*Gum selmesin, gyzyldüýbi seljärin.*

*Gyr takyrlaň gyrasyna ýygnanan,*
*Ýagyş suwy durlanandyr baharda.*
*Ýaýkyllaşýar ýaşylbaşlaň topary,*
*Güneşiň şuglasy suwa batanda.*

*Kak suwundan gananyňda duýarsyň,*
*Çöl içinde aby-haýat bardygyn.*
*Al-u-ýaşyl donun geýinen sähra,*
*Duýdyr saňa jennetli Diýardygyn.*

*Jybarlap ýaganda ýazyň ýagyşy,*
*Mylaýymja şemal ýüzüňi ýelpär.*
*Çopanyň çolugy çagyr ýanyna:*
*«Geliber, üşäýme, çalmarda ýer kän».*

*Çerkezden, çetiden edilen çalmar,*
*Kem-ä däldir şäherdäki kafeden.*
*Gömülen işlekli, daglanan kakmaç...*
*Kak suwna tüňçe çaý, tapdyr kofe hem.*

*Obalaryň çarwalary, daýhany,*
*Ýaz gelende ýaýlalarda ýazlaýar.*
*Kimsi zähmet çekse, kimsi alýar dynç.*
*Çöl melhemi saglygyňy sazlaýar.*

*Deňizde ýüzmegem gowudyr-gowy,*
*Ýöne Garagumam saglyk öýüdir.*
*Görmedikler çölden howatyr edip,*
*Gumluk hem çöllük ýer azaply öýder.*

*Işdäň açar kömelegi, ýuwasy,*
*Melhemdir janyňa çomuç, çigildem.*
*Görüň çölüň hözirini, eşretin,*
*Bu aýdanlam geçýän däldir çeninden.*

*Baba SARYÝEW,*
*şahyr.*
*12.02.2024ý.*

*25-nji martda Türkmenistanyň Koreýa Respublikasyndaky we Singapur Respublikasyndaky ilçisi B.Durdyýew gulluk saparynyň dowamynda Singapur Respublikasynyň Daşary işler ministrliginde ýurduň premýer-ministriniň Kanselýariýasynyň ministri Mohamad Maliki bin Osman bilen duşuşyk geçirdi.*

# Milli gymmatlyklarymyz tanyşdyryldy

Häzirki wagtda ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen halkara hyzmatdaşlygy dürli ugurlarda täze sepgitlere ýetýär. Şol sanda halkara habarlar agentlikleri bilen hem özara gatnaşyk barha ösdürilýär. Muny ýurdumyzda bu ulgamyň wekilleri bilen guralýan çäreleriň mysalynda-da aýdyň görýäris. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 24 — 29-njy marty aralygynda daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň ýurdumyzda bolmagynyň çäklerinde Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi we nusgawy şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Türkmen topragy — gadymy medeniýetleriň merkezi» atly metbugat maslahaty geçirildi. Munuň özi hyzmatdaş ýurtlar bilen gatnaşyklary ýygjamlaşdyrmaga, KHBS-niň geljekki mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaga meýdança bolup çykyş etdi. Maslahata Özbegistandan, Gyrgyzystandan, Gazagystandan, Türkiýeden, Russiýa Federasiýasyndan, Beýik Britaniýadan žurnalistler geldiler.







Metbugat maslahatynyň çäklerinde wekiller Arkadag şäheriniň gözel künjeklerine syýahat etdiler. Şäheriň iň owadan ýerleriniň biri bolan taryhy-medeni seýilgähe guralan gezelenç myhmanlarda uly täsir galdyrdy. Açyk asmanyň astyndaky muzeýiň hyzmatyny ýerine ýetirýän seýilgähde Sarahs babanyň, Mäne babanyň kümmetleriniň, Seýit Jemaleddiniň metjidiniň, gadymy Nusaý galasynyň, Paryzdepäniň we beýleki ýadygärlikleriň nusga şekilleri bar. Arkadag şäheriniň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýine bolan gezelenjiň dowamynda bolsa, myhmanlara bürünç we demir asyrlarynyň, neolit we eneolit eýýamlarynyň, orta asyrlaryň we beýleki döwürleriň belli ýadygärlikleri barada taryhy we ylmy maglumatlar esasynda gürrüň berildi. Hususan-da, muzeýiň birinji gatynda ýerleşýän ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýeten belent sepgitlerini şöhlelendirilişi uly gyzyklanma eýe boldy.

Soňra Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlaryna tomaşa edildi. Gözelligi, ýyndamlygy bilen dünýäde taýsyz ahalteke bedewiniň üstünde kaşaň lybasly jigitleriň ýerine ýetiren haýran galdyryjy çykyşlary žurnalistlere ruhy lezzet paýlady. Bedewleriň dyz epip, tomaşaçylara salam berşi ýurdumyzda atçylyk sungatyna uly söýginiň bardygyny görkezýär. Myhmanlar guralan gezelenjiň gadymy türkmen topragynyň taryhy, medeniýeti, däp-dessury bilen içgin tanyşmaga giň mümkinçilik berendigini uly buýsanç bilen bellediler.



***Yhlas ATAMYRADOW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.***

# Young Minds Shine at the "Young Messengers of Peace" Competition

On March 29, 2024, the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan buzzed with intellectual energy. The stage was set for the VIII qualifying game of the prestigious "Young Messengers of Peace" competition, now in its third season. This game's theme, "Foreign Policy and International Relations of India in the 18th Century," transported participants back in time while igniting their curiosity about the global stage.

Eight exceptional 11th graders stepped into the spotlight:

• *Gulshat Meredova, the 11th grade student of the secondary school No. 90 of Ashgabat;*
• *Eziz Suhanberdiev, the 11th grade student of the secondary school No. 18 of the Sarahs etrap of the Ahal velayat;*
• *Mergen Nurmyradov, the 11th-grade student of the Regional Extensive English and Humanities school of the city of Mary;*
• *Jennet Keroglyeva, the 11th grade student of the secondary school No. 22 specialized in English, Physics and Mathematics in the Balkanabat city of the Balkan velayat;*
• *Gulbahar Atayeva, the 11th grade student of the secondary school No. 3 specialized in foreign languages of the Bayramaly city of the Mary velayat;*
• *Aymyrat Kakayev, the 11th grade student of the secondary specialized school No. 86 of Ashgabat;*
• *Shirin Rahmanberdiyeva, the 11th-grade student of the Regional Extensive English and Humanities school of the city of Mary;*
• *Aylar Gadamova, the 11th grade student of the specialized secondary school No. 43 with an in-depth study of exact and natural sciences of Shatlyk of the Sakarchage etrap of the Mary velayat.*

The esteemed judges, Begench Karayev, a senior lecturer of the Department of International Relations and Diplomacy of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, Candidate of Philosophical Sciences, Bayramgeldi Charyyev, the Head of the Department of the Ministry of Culture of Turkmenistan, and Shyhmustapa Hudayberdiyev, a senior lecturer of the Pedagogy and Psychology Department of the Turkmen National Institute of World Languages named after Dovletmammet Azadi presided over the competition with fairness and a keen eye for talent. The atmosphere crackled with the excitement of intellectual combat as students showcased their knowledge of the 18th-century Indian foreign policy.

In the end, two brilliant young minds emerged victorious: Aymyrat Kakayev from Ashgabat's Specialized School No. 86 and Eziz Suhanberdiev from the Sarahs etrap's School No. 18 of the Ahal velayat. Their triumph was a testament to their dedication and the strength of Turkmenistan's educational institutions.

Let's know the senses of winners:

Aymyrat Kakayev, the winner of the 8th game: "Participating in the 'Young Messengers of Peace' competition was a truly enriching experience. It allowed me to delve deeper into a fascinating period of history and showcase the knowledge I've gained. I'm incredibly grateful for the support of my teachers and family, and I would encourage other students to challenge themselves and participate in events like this."

Eziz Suhanberdiev, the winner of the 8th game: "This competition has ignited a passion for international relations within me. It's an honor to be recognized alongside such talented peers. I believe that education is the key to a brighter future, and I'm determined to continue learning and growing."



But the "Young Messengers of Peace" is more than just a competition. It's a celebration of the human spirit's yearning for knowledge and understanding. All participants received certificates and a specially curated collection of articles titled "Magtymguly Pyragy's Doctrine of Peace of Universal Importance and Important Issues of Contemporary Era" – a fitting tribute to the 300th anniversary of this literary giant. Sponsors also showered the young scholars with valuable souvenirs, highlighting the collaborative spirit that fuels such endeavors.

The magic of this event extends beyond the walls of the Institute. The VIII qualifying game was captured by the "Miras" TV channel in collaboration with the Institute's educational studio. Soon, the nation will witness the brilliance of its young minds, a testament to the enduring power of knowledge and the promise of a future shaped by intellectual curiosity.

***Kadyrmyrat OVEZGYLYJOV,***
***the 2nd year student of the Faculty of International Law.***

***«Türkmen topragy — gadymy medeniýetleriň merkezi» atly foruma köp sanly iri habarlar gulluklarynyň, teleýaýlymlaryň, şol sanda TÜRKSOÝ guramasyna degişli ýurtlaryň metbugat wekilleri, Türkmenistanyň teleýaýlymlar we kinematografiýa ulgamynda hyzmatdaşlyk edýän döwletlerinden metbugat wekilleri gatnaşmak üçin Aşgabada geldiler.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
METBUGAT – ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Baş redaktor
**Täzegül KULJIKOWA**

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
**Jogapkär kätip:** *B.Garaýew.*
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** *A.Kaşaňow.*
**Bölüm müdiri:** *J.Öwezowa.*
**Edebi işgärler:** *A.Ýazweliýew, A.Atajykowa, O.Çaryýarowa.*
**Fotohabarçy:** *K.Akmämmedow.*
**Korrektor:** *A.Döwletowa.*

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

**Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.**

**E-mail:**
hgi.redaksiya@gmail.com